***Taryhy tejribeler, milli ýörelgeler şeýle bir hakykaty äşgär edýär: Watany söýmek, onuň ösüş-özgerişlerine öz goşandyňy goşmak manyly ömrüň mertebe mekdebidir, nusgalyk göreldedir. Ömrüň manysy edilen işler bilen ölçense, şol beýik işleriň maksady Watana bolan söýgüden gözbaş alýar. Kämil nesilleri ýetişdirmek, ylym-bilim almak, hünär öwrenmek ýaly birnäçe peýdaly amallar biziň Watana, il-güne söýgimiziň durmuşdaky aýdyň ýüze çykmasydyr.***

Sözümiziň başynda uly üstünliklere beslenip geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň eden taryhy çykyşyndan şu dürdäne jümleleri ýatlamagy makul bildik: «Dünýäde şeýle bir mukaddes gymmatlyk bar. Oňa «Watan» diýilýär. Watana bolan söýgi ynsan üçin iň beýik söýgüdir. Mukaddes söýgüdir. Watana bolan söýgi ynsanyň tutuş ömrüni bezeýär. Ynsan üçin Watandan beýik mukaddeslik, Watandan beýik gymmatlyk ýokdur. Bagtly bolmak üçin Watany söýmek gerek. Edebiň ýagşysy hem Watany söýmekdir. Çünki Watany söýmek — bu  Watanyň asudalygy, gülläp ösüşi üçin zähmet çekmekdir, yhlas etmekdir. Şoňa görä-de, Watana, halka hyzmat edip, sylaghormata mynasyp bolmak her bir ynsan üçin mukaddes borçdur, belent mertebedir. Sebäbi kim Watanyny depesine täç eýlese, Watany hem ony başyna täç eýlär».

Juda jaýdar aýdylan jümleler! Çünki watançylyk terbiýesi halkymyzyň zandyna ornandyr. Diýarymyzyň parahatçylygy, raýatlaryň asuda ýaşaýşy ugrunda durmuşa geçirilýän ägirt uly işler Milli Liderimiziň hem-de döwlet Baştutanymyzyň  Watan söýgüsiniň doly suratda şöhlelenmesidir. Bu ugurda alnyp barylýan işleri sanasaň, sogaby kän. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilmegi, dünýä döwletleri bilen parahatçylyk söýüjilige, dost-doganlyga, özara bähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylmagy aýdanlarymyzyň üstüni ýetirýär.

Adamy adam edýän onuň adamkärçiligi, asylly häsiýetleri bilen birlikde, watançylyk terbiýesidir. Bu babatda Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly ylmy-filosofik kitabynda şeýle diýýär: «Kämil şahsyýet bolup ýetişmekde, adamzada mahsus bolan duýgynyň ilkinjisi ata Watana, ene topraga bolan söýgüdir. Watansöýüjiligiň ýüze çykmasy halal zähmetiň bilen Watanyň şan-şöhratyna mynasyp goşant goşmakdadyr». Şonuň üçin hem Milli Liderimiz watançylyk terbiýesine aýratyn üns berip, ony on iki terbiýäniň iň başynda goýýar.

Ýaş nesiller üçin uly aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Gözel RAHMANOWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň pedagogika fakultetiniň başlangyç bilim mugallymçylygy we psihologiýasy hünäriniň 101-nji toparynyň talyby.**

Все права защищены